# Indiki masgaraçylyk / gara ýumor 18+

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Indiki masgaraçylyk / gara ýumor 18+ INDIKI MASGARAÇYLYK

Olar iki bolup merhumyň öýüne howlugyp bardylar.
Ýakyn garyndaş hökmünde hem-de ýerli däbe görä, towuş etdiler. Soňra täze ýogalan daýylarynyň ýatan otagyna girdiler. Ortada uzyn süýnup ýatan merhum adaty merhumlardan tapawutlanmaýar diýseňem boljak.
Diňe bir zat, onuň giň balagynyň içinde erkeklik organy oragyň sapy ýaly diklenip durdy. Bu ýagdaýy gören merhumyň ýegenleri daýysynyň ölüp ýatyşy, has dogrusy bolup ýatyşy barada alada galdylar. Annam şaka ýeňsesini gaşap, doglanda gulagyna gygyrylyp dakylan ady Gylyçmuhammet bolsa-da, juda arryklygy sebäpli Gyl kaka diýlip ady tutulýan ýegenine seretdi-de:
– Ölen adamyň "nemesiniň" turup durandygyny kyrk bäş ýaşap birinji gezek görýän! – diýdi. – Bu näme üçin beýdip durka?
– Ölen adam hakynda erbet bir zat aýtmagam birhili – diýip, Gyl kaka Annam şaka seretdi. Annam şaka:
– Onda-da öleniň başujynda durup bir zat aýtmak-diýip, daşary çykmagy teklip etdi.
Olar ýas ýerine gelen märekden gyra saýlanyp çilim otlandylar. Gyl kaka ajy tüssäni burugsadyp durşuna bolan wakany gysgaça gürrüň berdi:
– Bi enesi ýalamadyklaryň biri Bozagan daýyňa ýaşajyk bir gyz getirip berjek diýipdir. Onsaň ertire çenli gujagynda hezil edip göwün solpudan çykarsyň, ýöne bekje bolaweri, ýaman aýgyr zatdyr, baş bermän durmasyn diýip pahyry mazaly ynandyrypdyr..
Annam şaka çekip duran çilimini undup ony diňleýärdi. Gyl kaka gyssanman sözüni dowam etdi:
– Onsaň Bozagan daýym "Wuka-Wuka" içip, esbabyny turuzyp, garaşyp başlapdyr. Emma ýaňky haramzadalar wagty bilen gara bermänden soň, gyssanyp ýaňky dermandan ýene birini atypdyr.

Annam şaka haýran galýan şekilde “oh-hooo” dýip gözlerini tegeledi:
– Wuka-wuka diýeniň nähili derman bolýar?
Gyl kaka bilip duran zadyny soraýar öýdüp Annam şaka gaharlanan boldy:
– Wiagranyň täze görnüşi.
– Dogry-dogry, indi ýadyma düşdi, öňräk bir ýerd-ä eşidipdim-diýip, Annam şaka makulladýan ýaly kellesini ýaýkady. – Şu Wiagra diýende bir-ä biagyry, soňam bil agyry diýen söz ýadyma düşýär. Gyl kaka:
– Hawa senem ynha biagyrylyk etdiň, daýyňa wagtynda normalny maşgala tapyp bermediň-diýip, Annam şaka kinaýaly seretdi. – Garry-goja bolanda näme, adama höwür gereg-ä!..
Annam şaka Gyl kakanyň igenjini eşidip durşuna gürrüňi başga ýana sowmaga çalyşdy:
– Onsaň dermanam daýymyň başyna ýetipdirdä, şeýlemi?! -diýdi. Gyl kaka:
– Hawa gojanyň ýüregi tap getirip bilmedik bolarly – diýdi. – Jan tybşyran wagty “aparat” turup duran bolmalyda. Annam şaka:
– Soňam şol durşuna gatap galypdyr diýýäňmi? – diýip gep atdy. Gyl kaka:
– Gatany bar bolsun – diýip, ýüzüni eňşetdi. Anam şakanyň bir zatlar ýadyna düşen ýaly gözlerini tegeledi. – Ýuwmaly bolanda näderis? Şeýdip krany galdyryp ýatsa näderis?
– Oh-o!.. – diýip içini çekdi. – Indiki masgaraçylyk!
– Indiki masgaraçylyk öňde. – diýip, Gyl kaka elindäki düýbüne çenli çekilen çiliminden galan zady pitikläp goýberdi. – “Ýashana ýerinde gülmek ýaraşmaz” diýen bir söz bar, emma, gülmeseňem bolanok. Bozagan daýym ölensoňam özüniň bütin ömre nämä gulluk edendigini görkezip gidipdir.
– Gylyç ýegen, oýun etme! Myň ýaly agyr günde goldaşmaly. Her kimiň başynda bolýan bar zat.
Gyl kaka:
– Aý ýok-la her kimiň merhumy biziň Bozagan daýymyz ýaly ýagdaýda “tüýlek tüýdügini” sygyrdyp ýatmaýa.
Annam şaka oýurganyp ep-esli durdy-da:
– Aga-ini jemagat bolup ertir illäp-günläp ýuwup ýerlemeli

bolar-diýdi. – Bu ýagdaýam öz aramyzda sesimizi çykarman goýarys.
Olar giň balagyny ýokary galdyryp ýatan daýysy pahyryň ýene bir ýola synlamak üçin içeri ýöneldiler.
Soňra adamlaryň arasyna baryp bir gyrada kürtdürip duran Gyl kaka içinden: “Merhumlar barada diňe gowy zat aýtmaly, bolmasada dymmaly” diýýäler, emma hemme kişi dymýan bolsa, barybir ölen adamyň gowy adam däldigi däl-maý?!” diýip, owurdyny dişläp dymdy.

* * *

Merhumyň namazyna mähelle bary jemlendi. Namaza gelýän güredigiçe Annam şaka barha darykýar. Göwnüne bolmasa gelenleriň bary ikibara, üçebara başy birigip merhumyň gybatyny edýän ýaly.
– Bozagan sallahyň bar-a, masgara o belasy kömelek ýaly bolup dürterip duranmyş.
– Bozagan pahyr göwnüne ýaran aýal bilen ömrüne gönenip ýaşap bilmedi-dä bende.
– Belki şonuň üçin-de ölenden soňam “nemesiniň” galyp durany.
Ähli ýerden bolgusyz gepler, mojuk gürrüňler, “hyşy-wyşylar” gulagyna gelýän ýaly bolup durandan soň Gyl kaka “Wuka-wuka” içip wepat bolan” merhumy ýuwmak üçin gerek zatlary taýýarlap ýören garyndaşlaryny gyssady.
Şol wagt Annam şaka merhumyň hormatyna yzanda-çuwan bolup oturan zenanlaryň uzynly-kelteli owazlaryndan lezzet alýan ýaly içki tama tarap temegini galdyryp gözlerini süzýärdi.
Gyl kaka namaz ýere gelen märekäniň arasynda oturan ak sakal ýaşulydan:
– Namaz wagtyna entek pursat barmydyr – diýip sorady.
– Ýarym sagat dagy bar, inim, indi merhumyňyzy ýuwa salyberiň- diýip ýaşuly olara rugsat beriji äheňde gürledi.
Öňki gürrüňe laýyklykda içki otagda Gyl kaka aýtmyşlaýyn “Esbaby ýeser” merhumy ýuwmaga Annam şaka bilen daşgynyrak garyndaşlaryndan Döwran molla gatnaşdy. Döwran molla merhumyň ýokary galyp duran ujydyny görüp, birhowa aljyrady, emma

derrew özüni ele alyp:
– Pygamberimiz, sallallowhy aleýhi wesellem: “Nähili ýaşan bolsaňyz, şonuň ýaly öldürilersiňz, nähili öldürilen bolsaňyz şonuň ýaly turuzylarsyňyz” diýen ýaly hadys aýdan eken -diýdi.
Özüne merhumyň üstünden suw akytýançy wezipesi ýeten Gyl kaka uzyn çüründükli kündüge suw dolduryp durşuna:
– Be-e, onda Bozagan daýyny turuzan wagtlary, ýagny kyýamat-magşarda aparady şeýle ýagdaýda boljakda onda!-diýip, myssa ýylgyrdy. – Jennete dagy baraýsa bulagaýlyk baryny eder-ow bi…
Annam şaka köýneginiň ýeňini çermäp durşuna:
Entek Jennete barar ýaly edeli-how – diýip sözüne mahabat berdi.

***

Ýuwulyp kepene oralan merhumy tabyda mündürdiler. Jesediň “jadyly taýagy” entegem ýokary galyp durdy. Bu ýagdaýdan çykalga tapmalydy. Wagt gyssaýar. Hä diýmän merhumyň jynazasyny okamaly wagt ýetip geler. Ymam kyýam bolmanka jynaza namazy okamak wajypdyr diýýär. Merhumyň bolsa Gyl kaka aýtmyşlaýyn “üçünji aýagy” kyýama galyp dur. Bu ýagdaý masgara bolmakdan gorkýan garyndaşlaryň kejebesine ot salýardy.
Ahyry Annam şaka tabytda ýatan merhumyň kepeninden ebşitläp tutup bir çekende ony ýüzünligine öwürdi-de “baky uka” giden merhum pahyryň jan tabşyrandan soňam erkini elden bermedik, agzasyny tabydyň astynda gizledi.
Gyl kaka garyndaşy Annam şakanyň tapan bu çykalgasyna haýran galdy, “bäh” diýdi:
– Kepene dolanyp, ýüzi-gözi ýapylandan soň arkan ýatdy nä, ýüzin ýatdy, gowy etdiň şuny!
Annam şaka teatr sahnasynda duran ýaly keşbe girip:
– Ýalançy dünýäniň gara ýüzüni görmäýin diýip gül ýüzüni ters öwren daýym jan-ow – diýip, zörledip goýberdi. – Göteriň bendäni!

28.10.2018.

Daşoguz-Garagaç obasy. Hekaýalar